# Gürji aýdymy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gürji aýdymy GÜRJI AÝDYMY

Kapas haremhanada ýaşajyk gürji gyzy,
Saralýardy, solýardy bilmän gije-gündizi.
Gamyñ, hasratyñ perzendi,
Söýginiñ almazy, düri ~
Gara gözlerden syrygdy,
Ine, günleriñ bir güni.
Wah, juwan gyza buýsanýar
Eñki giden çal ermeni.

Gözeliñ degre-daşy diñe gymmatbaha daş,
Ýöne welin ol gözel neçüýn dökmesin gözýaş
Oñ ýaşajyk tenin gelip
Sypasa gojañ elleri.
Kölge deý dursa gizlenip
Dünýäden gyz gözelligi.
Gözeliñ gününe eý-waý!
Bu näme boldugy, Hudaý!

Ätiýaç edýär goja biwepalyk howpundan,
Gözeli çykarmaýar gala deý howlusyndan.
Yşkyñ heseri ýetişdi,
Söýgi täzeden tutaşdy.
Üýtgäp barýar, günbe-günden
Ýañaklary ýandy gyzyñ.
Gözýaşlary kirpiginden
Syryganok indi gyzyñ…

Emma bu mekirligi bir gün ermeni duýdy,
Dönüklik, biwepalyk üstünden atlap guýdy.
Heý, çekip bormy bu derdi?
Ýok, diñe ar almak gerek.
Öz ömründe ilki gezek

Şum hasraty dadyp gördi.
Biwepa gyzyñ jesedin
Tolkunlañ gujagna berdi.

Mihail Ýurýewiç LERMONTOW.

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW Goşgular